TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ GARAŞSYZ DÖWLETIMIZIŇ HEMIŞELIK BITARAPLYK HUKUK ÝAGDAÝYNA EÝERIP, DÜNÝÄNIŇ ÝURTLARY WE HALKLARY BILEN DOSTLUKLY, HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYK GATNAŞYKLARYNY ALYP BARÝARYS.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

9-njy dekabr, 2022. Belgisi 49/1511



7-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow öz ýurdunyň parlament wekiliýetine ýolbaşçylyk edip, sapar bilen Türkmenistana gelen Azerbaýjan Respublikasynyň Milli Mejlisiniň Başlygy Sahiba Gafarowany kabul etdi.

## DÖWLETARA GATNAŞYKLAR YZYGIDERLI GIŇELDILÝÄR

Myhman ikiçäk duşuşykda döwletara hyzmatdaşlygyň wajyp meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza Prezident Ilham Aliýewiň mähirli salamyny hem-de öz kärdeşine we ähli türkmen halkyna tüýs ýürekden bagtyýarlyk, parahatçylyk, abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi. Bellenilişi ýaly, Azerbaýjan birek-birege hormat goýmak, özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda guralýan döwletara gatnaşyklary yzygiderli giňeltmäge aýratyn ähmiýet berýär.

Hormatly Prezidentimiz Azerbaýjan Respublikasynyň parlamentiniň ýolbaşçysyny mübärekläp, dostlukly ýurduň ýokary derejeli ýolbaşçylaryna we halkyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de şu saparyň çäklerindäki duşuşyklaryň, gepleşikleriň biziň doganlyk döwletlerimiziň arasynda parlamentara gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak işine ýardam etjekdigine ynam bildirdi. Şu ýyl ýurtlarymyz diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygyny bellediler.

Nygtalyşy ýaly, Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň halklaryny köpasyrlyk taryh, däp bolan dostluk, ynanyşmak, özara düşünişmek gatnaşyklary, medeniýetiň we diliň umumylygy birleşdirýär. Bilelikdäki tagallalaryň netijesinde soňky ýyllarda iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklar hil taýdan täze derejä çykaryldy, söwda-ykdysady, ylmy-tehniki, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk işjeňleşdirildi.

Azerbaýjanly hyzmatdaşlar bilen gepleşikler hemişe netijeli we dostlukly häsiýeti, aýratyn mähirliligi bilen tapawutlanýar. Şol gepleşiklere çuň many-mazmun, özara düşünişmek, doly ynanyşmak ýagdaýy, şeýle-de belent ynsanperwerlik ýörelgelerine ygrarlylyk mahsusdyr diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Duşuşygyň barşynda halkara syýasatyň we sebitara gatnaşyklaryň meseleleri, hususan-da, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek bilen baglanyşykly meseleler boýunça iki döwletiň garaýyşlarynyň ýakyndygy we meňzeşdigi kanagatlanma bilen nygtaldy. Biziň ýurtlarymyz diňe bir ikitaraplaýyn esasda hyzmatdaşlyk etmek bilen çäklenmän, eýsem, BMG, Türki Döwletleriň Guramasy, GDA, ÝHHG, Goşulyşmazlyk Hereketi ýaly abraýly guramalaryň çäklerinde hem gatnaşyk edýärler.

Hormatly Prezidentimiz häzirki wagtda Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň ägirt uly serişdeler, ykdysady, ulag-logistika kuwwatyna eýedigini nygtady. Olardan netijeli peýdalanmak diňe bir iki ýurduň halklarynyň däl, eýsem, sebitiň bähbitlerine-de laýyk gelýär. Döwlet Baştutanymyz we Azerbaýjanyň parlamentiniň ýolbaşçysy döwletara gatnaşyklaryň gazanylan derejesine ýokary baha berip, bar bolan kuwwaty, milli bähbitleri, ösüşiň ileri tutulýan wezipelerini nazara almak arkaly guralýan köpýyllyk hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Köpugurly hyzmatdaşlygyň çäklerinde parlamentara gatnaşyklara möhüm ähmiýet berilýär. Şol gatnaşyklar döwletara hyzmatdaşlygyň üstüni ýetirmelidir, olaryň kanunçylyk binýadyny pugtalandyrmalydyr we täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmalydyr. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň we Azerbaýjan Respublikasynyň kanun çykaryjy edaralarynyň hyzmatdaşlygynyň, iki ýurduň parlamentleriniň duşuşyklarynyň, geňeşmeleriniň işjeňleşdirilmeginiň däp bolan hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge uly goşant goşjakdygyna ynam bildirildi.

Şu gezekki parlament wekiliýetiniň düzümine türkmen-azerbaýjan dostluk toparynyň ähli agzalarynyň diýen ýaly goşulandygy bellärliklidir.

Hormatly Prezidentimiz dostlukly ýurduň Milli Mejlisiniň Başlygynyň şu saparyna türkmen-azerbaýjan parlamentara gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmegiň ýolunda möhüm ädim hökmünde baha berýändigini nygtap, duşuşygyň ahyrynda Sahiba Gafarowa berk jan saglyk, bagt, jogapkärli döwlet işinde üstünlikleri, Azerbaýjan Respublikasynyň doganlyk halkyna bolsa parahatçylyk, rowaçlyk we gülläp ösüş arzuw etdi.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen, Türkmenistan bilen Azerbaýjan Respublikasynyň arasynda syýasy, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy ösdürmäge, döwlet hem-de jemgyýetçilik işi bilen Türkmenistanyň halkara abraýyny ýokarlandyrmaga goşan uly şahsy goşandy göz öňünde tutulyp, Azerbaýjan Respublikasynyň Milli Mejlisiniň Başlygy Sahiba Aly gyzy Gafarowa Türkmenistanyň «Hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşandy üçin» ordeni bilen sylaglandy.



## Bitarapdyr ýolumyz, bagtyýardyr ilimiz

*Il-günüňe ak ýürekden hyzmat etmek, ýagşy işleri durmuşa geçirmek, birek-birege hemaýat etmek ýaly halkymyzyň nusgalyk häsiýetleri jemgyýetimiziň baýlygydyr. Pederlerimiz islendik meseläniň gepleşikler geçirilip çözülmegini ýol-ýörelge edinipdirler. Gahryman Arkadagymyzyň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly eserinde hem Şükür bagşynyň keşbi arkaly ata-babalarymyzyň ýüze çykan ýagdaýy kadalaşdyrmakda diňe parahatçylykly ýollary gözländikleri beýan edilýär.*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz bedew batly ösüşleri bilen özüniň nurana geljegine tarap aýgytly gadamlar bilen ynamly öňe barýar. Döwlet berkararlygymyzyň berk binýady bolan Garaşsyzlygymyzdan soň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan hemişelik Bitaraplygymyzyň ykrar edilmegi ata-babalarymyzyň hoşniýetli ýörelgeleriniň bütin dünýä aýan edilmeginiň dabaralanmasy boldy. Bu taryhy waka Türkmenistanyň seçip alan içeri we daşary syýasatlarynyň ynsanperwerlige daýanýandygyny, abraýly halkara guramalar bilen maksadalaýyk hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny äleme äşgär etdi.

Bilşimiz ýaly, 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakynda Rezolýusiýa kabul edilipdi. Bu ýagdaý halkara syýasatynda täze sahypanyň, täze ýoluň we täze ugruň dörändigini buşlady. Bu biziň ýurdumyz üçin uly taryhy ýagdaý bolup, döwletimiziň halkara gatnaşyklarynda gazanan uly syýasy üstünlikleriniň biridir. ■ 2

## Türkmen-rus hyzmatdaşlyk Maksatnamasyna gol çekildi

*Hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça türkmen wekiliýetiniň Russiýa Federasiýasyna saparynyň çäklerinde iki ýurduň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň Daşary işler ministrlikleriniň arasynda 2023-2024-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlyk Maksatnamasyna gol çekildi.*

Duşuşygyň dowamynda Russiýanyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy S.Lawrow özara hormat goýmak, deňhukuklylyk we ynanyşmak ýörelgelerine laýyklykda ösdürilýän ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň dostlukly, depginli, yzygiderli häsiýetini belledi. «Türkmenistan biziň ýakyn dostumyz, strategik hyzmatdaşymyzdyr. Russiýa sebitleýin we halkara işlerde Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga möhüm orun berýär. Iki ýurduň Prezidentleri biziň gatnaşyklarymyzyň ösdürilmegine itergi berýär. Olar diňe şu ýylyň özünde bäş gezek duşuşdylar» diýip, Russiýa Federasiýasynyň daşary işler ministri nygtady hem-de parlament hyzmatdaşlygynyň, Russiýanyň sebitleriniň Türkmenistan bilen özara gatnaşyklarynyň ähmiýetini belledi. Bu bolsa döwletara gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna saldamly goşant goşýar.

Türkmenistanyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy şu gezekki gepleşikleriň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň giňeldilmeginde möhüm ädime öwrüljekdigini aýtdy hem-de ýokary derejedäki duşuşyklaryň şol gatnaşyklary üstünlikli ösdürmegiň möhüm guraly bolup durýandygyny aýratyn nygtady. Şeýle-de, rus tarapyna Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki, şol sanda energetika howpsuzlygy, durnukly ulag ulgamy, ekologiýa ýaly ulgamlarda we birnäçe beýleki ugurlardaky başlangyçlaryny yzygiderli goldaýandygy üçin hoşallygyny beýan etdi. ■ 2

## Bitaraplyk bilen beýgelýär Diýar

*Ýurdumyzda abraýly halkara guramalar, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Häzirki döwürde oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine eýerýän Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda oňyn tejribe toplap, guramanyň ählumumy parahatçylygy üpjün etmekdäki tagallalaryna işjeň gatnaşýar.*

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzasy boldy. Şol döwürden başlap ýurdumyz bu gurama we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen ysnyşykly gatnaşyklary alyp barýar. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda we 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasy «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamalary kabul etdi. Munuň özi ýurdumyzyň Ýer ýüzünde durnukly ösüşi gazanmak, howpsuzlygy üpjün etmek we parahatçylygy pugtalandyrmak babatdaky tagallalarynyň ählumumy ykrarnama eýe bolandygyny görkezýär. Şeýle-de, 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi. Bu taryhy çözgütler Milletler Bileleşiginiň Garaşsyz Türkmenistanyň tagallalaryna berýän ýokary bahasydyr.

Türkmenistan bu abraýly gurama bilen Bitaraplyk taglymatyny yzygiderli durmuşa geçirmek arkaly, dünýä ýurtlary bilen netijeli hyzmatdaşlyk edip, özüniň syýasy, ykdysady we medeni kuwwatyny tutuşlygyna ählumumy abadançylygyň bähbidine ulanmaga çalyşýar. ■ 2

## Şanly baýrama sowgat

*Bitaraplyk biziň baky bagtymyzyň binýadydyr, ähli üstünliklerimiziň gözbaşydyr, ynsanperwer ýörelgelerimiziň rowaçlanmagydyr. Ol biziň her birimiziň ruhumyzy belende göterýän, röwşen geljege ynamymyzy artdyryp, ata Watanymyzyň gülläp ösmeginiň hatyrasyna döretmäge, gurmaga, has-da döredijilikli zähmet çekmäge hyjuwlandyrýan özboluşly ruhy güýçdür. Bitaraplyk halkymyzyň nurana kalbyndan dünýäniň çar künjüne uzaýan dost-doganlyk ýollaryny ýagtyldýan şamçyragdyr.*

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda bellenilýän hemişelik Bitaraplygymyzyň 27 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda hoş habar gelip gowuşdy. 27-nji noýabr – 3-nji dekabr aralygynda Marokkoda geçirilen ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy gorap saklamak baradaky Hökümetara komitetiniň 17-nji mejlisinde dünýäniň dürli ýurtlarynyň hödürlän milli gymmatlyklary täze sanawa alyndy. Olaryň arasynda ýurdumyzyň hödürlän «Türkmeniň keşdeçilik sungaty» hödürnamasy hem goldandy. 2021-nji ýylyň martynda ýurdumyz tarapyndan bu başlangyç öňe sürüldi. Mejlisiň dowamynda Konwensiýa gatnaşyjy döwletler tarapyndan hödürlenen Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşmak üçin 46 sany hödürnama seredildi. Şeýlelikde, milli keşdeçilik sungatymyz ÝUNESKO-nyň maddy däl medeni mirasynyň hödürnamasyna goşuldy. Gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan türkmeniň keşdeçilik sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi bu senediň dünýä halklarynyň medeniýetiniň bir bölegine öwrülmegini üpjün eder. ■ 2



# Bitaraplyk bilen beýgelýär Diýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Ýurdumyz häzire çenli dünýäniň 151 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy hem-de halkara guramalaryň 50-ä golaýynyň agzasy bolmak bilen, halkara konwensiýalaryň, şertnamalardyr beýleki köptaraplaýyn resminamalaryň hem 170-e golaýyna gatnaşýar.

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň sentýabrynda Nýu-Ýork şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 77-nji mejlisi öz işine başlady. Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň şu gezekki sessiýasynyň wise-başlyklygyna biragyzdan saýlanandygyny bellemek gerek. Nobatdaky sessiýada Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň garamagyna 2025-nji ýyly «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek baradaky teklibi hödürledi. Şeýle-de, 2022-nji ýylyň dekabr aýynda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň döredilmeginiň 15 ýyllygynyň bellenilýändigini nazara almak bilen, Baş Assambleýanyň garamagyna bu merkeziň orny hakyndaky nobatdaky Kararnamanyň taslamasyny hödürledi, şol sanda Merkezi Aziýany parahatçylygyň, ynanyşmagyň we hyzmatdaşlygyň zolagy diýip yglan etmek bilen bagly wakany beýan etdi. Şeýle-de, halkara gatnaşyklarda ynanyşmak dialogynyň filosofiýasyny ilerletmek bilen, BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly Kararnamasynyň taslamasyny işläp taýýarlamagyň başyny başlamagy teklip etdi.

Hormatly Prezidentimiz: «Biz Garaşsyz döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýerip, dünýäniň ýurtlary we halklary bilen dostlukly, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny alyp barýarys» diýip belleýär. Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen Türkmenistan netijeli sebit we halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge uly üns berýär. Häzirki wagtda ýurdumyz ösen döwletleriň hataryna goşulyp, halkara gatnaşyklarynyň gerimini has-da giňeldýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň halkara abraýyny belende galdyrýan, halkymyzyň asuda, parahat, abadan durmuşda ýaşamagy, zähmet çekmegi ugrunda taýsyz tagallalar edýän Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun!

**Güljan ARNABERDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# Bitarapdyr ýolumyz, bagtyýardyr ilimiz

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolan ilkinji döwlet biziň ata Watanymyz Türkmenistandyr. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy parahatçylygyň tarapdary bolup gelen döwletimiziň diplomatiýa sungatynyň mundan beýläk hem ösüşleri nazarlamagyna giň ýollary açdy. Şeýlelik bilen, türkmen Bitaraplygy häzirki zamanyň ählumumy howpsuzlygyny üpjün etmek, ýurtlaryň deňhukukly we özara peýdaly hyzmatdaşlygyny ilerletmek, durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmek ugrundaky tagallalary birleşdiriji gurala öwrüldi.

Pederlerimiziň arzuwlan Garaşsyz Watanymyzyň kuwwatlanmagynda, dünýäde tanalmagynda, onuň halkara bileleşiginde uly abraýdan peýdalanmagynda Bitaraplygyň ähmiýeti örän uludyr. Bitaraplyk – agzybirligiň, abadançylygyň, asuda ýaşaýşyň, ýagty geljegiň kepilidir. Bitaraplyk parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmäge, çalt we yzygiderli ösüşlere, şeýle-de milli däp-dessurlarymyzy döwrebaplyk bilen dowam etdirmegimize gönükdirilen tutanýerli özgertmeleri durmuşa ornaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň Aziýa yklymynda ýerleşýän döwlet hökmünde Bitaraplyk syýasatyny saýlap almagynyň esasy sebäpleri hökmünde Watanymyzyň geosyýasy we ykdysady ýagdaýlary, onuň tutýan çäginiň Aziýany we Ýewropany birleşdiriji çelgi-ugur hökmünde çykyş edýändigi bilen düşündirmek bolar. Biziň Bitaraplygymyz mazmuny babatda oňyn Bitaraplykdyr. Oňyn Bitaraplyk düşünjesi parahatçylygy we durnuklylygy goldamak, ähli ýurtlaryň arasynda dostluk hem hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek meselelerinde biziň işjeň ornumyzy göz öňünde tutýar.

Taryha ser salanymyzda halkymyzyň bäş müňýyllyk taryhy Bitaraplygymyzyň kökleriniň gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden, türkmeniň milli ahlagyndan, geçmişine we geljegine bolan ynamyndan alyp gaýdýandygyny tassyklaýar. Türkmen halkynyň guran köpsanly gadymy döwletleri, soltanlyklary, döreden adatdyr däp-dessurlary durmuşyň oňyn özgermegine düýpli täsir edipdir. Ata-babalarymyz hoşniýetli goňşuçylyk däplerini ileri tutup, ýakyn we alys ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklary dowamly ösdüripdir.

Şular bilen baglylykda, ýurdumyzyň saýlap alan Bitaraplyk ýoly türkmen döwletiniň taryhy ösüşlerine hem-de milli aň-düşünjesine kybap gelýändigini şertlendirýär. Türkmenistanyň mynasyp bolan hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi halkymyzyň köpasyrlyk umumadamzat ýörelgelerine ygrarlydygynyň, döwlet gurluşymyzyň hem-de onuň hoşmeýilli syýasatynyň ähli halklaryň bähbitlerine laýyk gelýändiginiň subutnamasy bolup durýar. Şol esasda, oňyn Bitaraplyk derejesine daýanýan döwletimiz agzybirligiň we parahatçylygyň nusgasyny bütin dünýä ýaýýar.

Biziň ýurdumyzda umumadamzat ähmiýetli ençeme işler amala aşyryldy. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwletimiziň halkara syýasaty ösüşiň belent derejesine ýetýär. Döwletler bilen diplomatik gatnaşyklarymyzyň gerimi barha giňeýär. Türkmenistan içeri we daşary syýasatynda ägirt uly üstünlikleri gazandy. Ol ylalaşdyryjy merkeze we ygtybarly hyzmatdaşa öwrüldi. Diýarymyzyň halkara derejesindäki abraýy bolsa barha artýar. Biziň ýurdumyz bagtyýarlygyň we agzybirligiň mekany hökmünde tanalýar.

Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň ynsanperwer ugry, ählumumy parahatçylygyň hatyrasyna öňe sürýän netijeli teklipleri dünýä jemgyýetçiliginde giň goldawa eýe bolýar.

Şanly Garaşsyzlygymyz ýaly hemişelik Bitaraplygymyzyň hem beren miweleri barmak basyp sanardan kän. Şu döwürde beýleki döwletler bilen bir hatarda goňşy döwletler bilen gatnaşyklar has-da berkedi. Türkmenistan iri halkara guramalarynyň birnäçesiniň agzasy bolmak bilen, ýurdumyz möhüm halkara-hukuk resminamalarynyň ençemesine goşuldy we olary talabalaýyk berjaý edýär.

Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz özüniň milli baýramyny – hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň 27 ýyllygyny giňden belleýär. Şanly toýuň öňüsyrasynda «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda ýurdumyz baýramçylyk lybasyna beslendi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüne gadam basan Türkmenistan döwletimizi halkara derejesinde amala aşyrýan beýik işleri bilen ösdürýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Selbi HALLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň maliýe bölüminiň esasy hünärmeni.*




# Şanly baýrama sowgat

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Geçen ýyllaryň dowamynda dünýä möçberli taryhy we medeni ähmiýeti bolan desgalary öz içine alýan ýurdumyzyň çäginde bar bolan ajaýyp ýadygärlikler, türkmen halkynyň sungatynyň dürli görnüşleri we edebi mirasy ÝUNESKO-nyň sanawlaryna girizildi. Şolaryň hatarynda Gadymy Merw, Köneürgenç we Nusaý taryhy-medeni ýadygärlikleri bar.

2015-nji ýylda ýurdumyzyň ýüztutmasy bilen ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna «Görogly» dessançylyk sungatynyň, 2017-nji ýylda «Küştdepdi» türkmen milli aýdym we tans dessurynyň, 2019-njy ýylda türkmen milli halyçylyk sungatynyň, 2021-nji ýylda bolsa dutar ýasamak senetçiliginiň, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatynyň girizilmegi hem bellärliklidir.

Häzirki wagtda Aşgabady «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna goşmak babatda degişli işler geçirilýär. Şunuň bilen birlikde, ahalteke atçylygyny hem-de türkmen alabaýlaryny ösdürip ýetişdirmek sungatyny we beýlekileri Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşmak bilen baglanyşykly meselelere garalýar, beýleki hödürnamalary taýýarlamak boýunça işler alnyp barylýar. Umuman, Türkmenistan bilen ÝUNESKO-nyň hyzmatdaşlygynyň gerimi yzygiderli giňelýär, däp bolan netijeli gatnaşyklary, şol sanda ekologiýa, bedenterbiýe we sport ýaly möhüm ugurlarda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek üçin täze mümkinçilikler açylýar.

Halkymyzyň pähim-paýhasyndan, eli çeper ene-mamalarymyzyň, gelin-gyzlarymyzyň zehin-yhlasyndan kemala gelen nepis halylardyr gülli keçeler, sünnälenip nagyşlanan milli lybaslar, inçelik bilen edilen el işleri hiç haçan bahasyny ýitirmejek milli gymmatlyklarymyzdyr. Gelin-gyzlarymyzyň uz barmaklaryndan döreýän el işleriniň ählisi-de nepis sungat hasaplanylýar.

Milli lybaslarymyzdaky her bir nagşymyz görenleri haýrana goýýar. Türkmen tebigatynyň gülünden, gunçasyndan nusga alnyp, döwrebaplaşdyrylyp döredilen nagyşlar milli lybaslarymyzy bezeýär. Keşdedir gaýmalar, halydyr palaslar, kilimler ýüreklerde baky orun alan gözelliklerdir.

Gadymy hem-de baý milli mirasymyzy ählitaraplaýyn öwrenmäge, olaryň ähmiýetini dünýä ýaýmaga giň mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, döwletli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Täzegül MUHAMMETGULYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*







# Türkmen-rus hyzmatdaşlyk Maksatnamasyna gol çekildi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Söhbetdeşler daşary syýasatdaky hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyny we geljegini, hususan-da, sebit hem-de ählumumy derejede durnuklylygy üpjün etmek, Hazar, Aral meseleleri boýunça hyzmatdaşlygy, şeýle hem täze wehimlere we howplara garşy bilelikdäki hereketlerde özara gatnaşyklary giňişleýin ara alyp maslahatlaşdylar. Türkmenistanyň we Russiýanyň halkara guramalaryň çäklerinde, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynda, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda hyzmatdaşlygynyň netijeliligi bellenildi.



Gepleşikleriň dowamynda iki ýurduň arasynda soňky ýyllarda depginli ösdürilýän söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk meselelerine aýratyn orun berildi. Medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň giňeldilmeginiň wajypdygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, S.Lawrow Türkmenistanda rus diline, medeniýetine aýawly garalýandygyna ýokary baha berdi hem-de Aşgabatda A.S.Puşkin adyndaky döwlet rus drama teatrynyň täze binasyny gurmak, Türkmen-rus uniwersitetini döretmek hakynda döwlet derejesinde kabul edilen çözgüdi kanagatlanma bilen belledi. Taraplar iki ýurduň bähbitlerine laýyk gelýän, sebit we dünýä derejesinde parahatçylygy, durnuklylygy, ösüşi üpjün etmäge ýardam berýän strategik hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge ygrarlydyklaryny tassykladylar.




# Täze filmler görkezilýär

**Şu günler ýurdumyzyň baky Bitaraplygynyň 27 ýyllygy mynasybetli dürli dabaralar geçirilýär. Ýurdumyzyň medeniýet ulgamynyň işgärleri hem bu baýramçylyga sowgatly geldiler. Şu günler paýtagtymyzdaky «Aşgabat» kinoteatrynda Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi tarapyndan surata düşürilen täze filmleriň görkezilişi guralýar. 7-nji dekabrda «Uly baýragyň gymmaty» atly film görkezildi.**




**Türkmeniň seýisçilik sungatyny açyp görkezýän filmiň goýujy režissýory Wepa Işangulyýew. Filmde tanymal artistler Öwezguly Gelenow, Ada Gutlyýew, Annamuhammet Gurbanow, Amangylyç Şarlyýew, Begenç Garlyýew ýaly sungat ussatlary surata düşdüler. Filmiň kompozitory Şatlyk Amannepesow, goýujy suratkeş Ahmet Orazmuhammedow we kinorežissýor Eziz Işangulyýew.**

**8-nji dekabrda kino muşdaklaryna «Ynsan syrdaşy» atly film görkezildi. Filmi režissýor Zulfiýa Kadyrowa surata düşüripdir. Şu gün režissýor Isgendermuhammet Annamuhammedowyň surata düşüren «Bakyş» atly filmi görkezilýär.**

**Şeýle hem ýurdumyzyň kinoçylarynyň mundan ozal surata düşüren «Istärin», «Binýat» hem-de «Sähra aýdymy» ýaly filmleri tomaşaçylaryň dykgatyna ýetirilýär.**

# Durmuş üpjünçiligi pugtalandyrylýar

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň 5-nji dekabrda geçirilen bilelikdäki maslahatynda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan durmuş ugurly syýasatyna hem-de döwletimiziň kanunçylyk-hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça toplumlaýyn maksatnama laýyklykda işlenip taýýarlanylan Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi. Şeýle-de, «Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasy gün tertibiniň esasy meselesi boldy.

23-nji noýabrda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisinde hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda» Kanunyň taslamasy babatda birnäçe anyk maslahatlary berdi. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň ýeten sepgitlerine we öňde goýlan täze maksatlara, wezipelere laýyklykda býujeti, onuň girdejiler we çykdajylar bölegini, düzüm aýratynlyklaryny üýtgetmegiň zerurdygyna ünsi çekdi.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda ýurdumyzyň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda düýpli özgertmeler bolup geçdi. Halkymyz şeýle özgertmeleriň getiren eşretlerinden peýdalanyp asuda durmuşda bagtyýar ýaşaýar, agzybir zähmet çekýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda adam hakynda alada ilkinji orunda goýlup, ýurdumyzyň bilim, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi ulgamlarynda adamlaryň abadançylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak, ygtybarly durmuş goraglylygyny kepillendirmek türkmen döwletiniň öňe sürýän ugurlarynyň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň kesgitlenen ugurlaryna laýyklykda, raýatlara girdeji almak üçin amatly şertleri döretmek, olaryň esasy çeşmelerini ýokarlandyrmak we ilatyň ýaşaýyş derejesini dünýä derejesine ýetirmek babatynda tutanýerli çäreler durmuşa geçirilýär. Ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, ýurtda her ýyl zähmet hakynyň, talyp haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň möçberi ýokarlandyrylýar, köp sanly durmuş ýeňillikleri, maddy goldawlar berilýär, ýaşaýyş-durmuş şertlerini, saglygy goraýyş hyzmatlaryny gowulandyrmak boýunça çäreler kabul edilýär. Döwlet hemişe ilatyň durmuş taýdan goldamaklyga mätäç gatlaklary üçin berilýän kömekleriň görnüşlerini we gerimini giňeldip gelýär.

Durmuş taýdan üpjünçiligiň ulgamyny dolandyrmagy kämilleşdirmek, ony bazar gatnaşyklarynyň ösýän şertlerine uýgunlaşdyrmak döwlet syýasatynyň wajyp ugurlarynyň biri bolup durýar. Muňa hereket edýän pensiýa ulgamyny özgertmek boýunça alnyp barylýan işler mysal bolup biler.

Pensiýa ulgamyny özgertmegiň esasy maksady döwletiň, iş berijiniň we işgärleriň arasyndaky jogapkärçiligi paýlamak bilen durmuş babatda adalatly pensiýa üpjünçiligi ulgamynyň maliýe durnuklylygyny we ykdysady netijeliligini emele getirmek bolup durýar.



Ilatyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga zähmet, zähmeti goramak, iş bilen üpjünçilik meseleleriniň oňyn çözülmegi hem uly täsir edýär. Şeýle bolansoň ýurdumyzda bu ugra hem uly üns berlip gelinýär.

Raýatlarymyzyň durmuş taýdan goralmagy ugrunda taýsyz tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli işleri rowaç bolsun!

**Döwletmyrat MUHAMMEDOW,**
**Ymamguly REJEPOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymlary.*



# «Ahal» ýurdumyzyň täze çempiony

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda şu möwsümiň çempiony wagtyndan öň belli boldy. 25-nji tapgyryň çäginde geçirilen oýunlardan soň «Ahal» topary taryhynda ilkinji gezek ýurdumyzyň çempionlygyny gazandy. Başgaça aýdylanda bolsa, Türkmenistanyň milli çempionatynyň çempiony 8 ýyldan soň üýtgedi. «Ahal» topary bassyr 5 möwsümden bäri 2-nji ýeri eýeläp gelýärdi (umumylykda 6 gezek 2-nji ýeri eýeledi). «Ahal» topary çempion bolan 8-nji klub hökmünde hasaba alyndy.

25-nji tapgyrda «Ahal» topary myhmançylykda «Şagadam» bilen duşuşyp, 4-2 hasabynda üstün çykdy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda emin 3 gezek penalti nokadyny belledi. Gollaryň 5-si 1-nji ýarymda geçirilip, ýer eýeleri 2 gezek öňe saýlanan hem bolsa, «Ahal» topary her saparynda dessine jogap bermegi başardy. Duşuşykda «Ahalyň» adyndan Didar Durdyýew (11 p, 17), Ata Geldiýew (29) hem-de Arslanmyrat Amanow (90+3), «Şagadamyň» adyndan bolsa 2-nji we 16-njy (p) minutlarda Mekan Aşyrow tapawutlandy.

Paýtagtymyzda oýnalan «Köpetdag» bilen «Altyn asyryň» arasyndaky oýunda-da ýer eýeleri 2-1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Altyn asyr» 65-nji minutda Altymyrat Annadurdyýewiň goly bilen öňe saýlansa-da, «Köpetdag» soňky 7 minutda Serdar Baýramowyň (83) hem-de Begenç Akmämmedowyň (87) tapawutlanmagynda 2 gol geçirip, ýeňiş gazanmagy başardy.

Bu netijelerden soň «Ahal» aratapawudy 14 utuga ýetirip, çempionatyň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda taryhyndaky ilkinji çempionlygy yglan etdi.

25-nji tapgyryň çägindäki beýleki oýunlarda «Aşgabat» «Energetigi» 2-1 (Agajan Altyýew 74, Toýmämmet Sähetmämmedow 88 p – Musa Nurnazarow 11) ýeňdi. «Merw» bilenem «Nebitçi» 2-2 hasabynda deňme-deň oýnady (Alibek Abdyrahmanow 45 p, Toýly Goçnazarow 88 – Nagtymberdi Berenow 61, Begenç Alamow 66 ö.d.).

24-nji tapgyryň netijeleri: «Energetik»–«Ahal»: 1-5, «Altyn asyr» – «Şagadam»: 3-2, «Nebitçi» – «Köpetdag»: 1-2, «Aşgabat» – «Merw»: 2-1.

25-nji tapgyryň netijeleri: «Şagadam» – «Ahal»: 2-4, «Köpetdag» – «Altyn asyr»: 2-1, «Merw» – «Nebitçi»: 2-2, «Aşgabat» – «Energetik»: 2-1.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | «AHAL» | 24 | 21 | 3 | 0 | 79–16 | 66 |
| 2 | | «ALTYN ASYR» | 24 | 15 | 7 | 2 | 41–15 | 52 |
| 3 | | «MERW» | 25 | 12 | 4 | 9 | 39–35 | 40 |
| 4 | | «KÖPETDAG» | 25 | 12 | 2 | 11 | 41–39 | 38 |
| 5 | | «ŞAGADAM» | 25 | 9 | 4 | 12 | 41–40 | 31 |
| 6 | | «AŞGABAT» | 25 | 9 | 3 | 13 | 29–36 | 30 |
| 7 | | «ENERGETIK» | 25 | 4 | 3 | 18 | 18–58 | 15 |
| 8 | | «NEBITÇI» | 25 | 3 | 2 | 20 | 20–78 | 11 |

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 9-y, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110670
Belgisi: 49/1511
Tiražy: 6740
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**elektron poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# ILKINJI GEZEK ZENAN EMIN JÜRLEWÜK ÇALDY

«E» toparçada Germaniýadan soň Ispaniýany hem 2–1 hasabynda ýeňen Ýaponiýa bassyr 2-nji gezek 1/8 finala çykdy. Çekeleşikli geçen oýunda Germaniýa Kosta Rikadan 4–2 üstün çykdy. Dartgynly geçen oýunda Kosta Rikanyň ýygyndysy 70-nji minutda 2–1 öňe saýlandy. Şol wagtky hasaplara görä, Ýaponiýa bilen Kosta Rika 1/8 finala çykýardy. Ýöne soňlugy bilen 4–2 hasabynda ýeňiş gazanan nemesler boldy. Emma bu ýeňiş nemesleriň ýaryşy dowam etmegi üçin ýeterlik bolmady. Olar taryhynda ilkinji gezek yzly-yzyna toparçadan çykyp bilmedi. Duşuşyga fransiýaly Stefani Frappar eminlik edip, Dünýä Kubogynyň 92 ýyllyk taryhynda jürlewük çalan ilkinji zenan emin boldy.

«F» toparçada Marokkonyň ýygyndysy Kanadadan 2–1 üstün çykdy. Bu ýeňişden soň olar ilkinji gezek 1/8 finala çykmagy başardy. Toparçadaky beýleki duşuşykda - Horwatiýa bilen Belgiýanyň arasyndaky oýunda-da hasap açylmady. Bu netijeden soň, belgiýaly futbolçylar öýlerine dolansa, wise-çempion horwatlar ýaryşy dowam etdirdi.



«G» toparçada Braziliýanyň ýygyndysy Kamerundan 1–0 asgyn gelip, toparçalarda 17 oýundan soň (1998) ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Kamerun Braziliýany Dünýä Kubogynda ýeňen ilkinji Afrika wekili hökmünde hasaba alyndy. Goly geçiren Abubakar 2-nji sarydan soň gyzyl kart aldy. 5 goluň geçirilen oýnunda Şweýsariýa Serbiýany 3–2 hasabynda ýeňdi we 1/8 finala adyny ýazdyrdy.

«H» toparçada Portugaliýanyň ýygyndysy Günorta Koreýadan 2–1 asgyn gelse-de, 1-nji orny eýelemegi başardy. De Arraskaetanyň gollary bilen Ganany 2–0 ýeňen Urugwaýa bu ýeňiş 1/8 finala çykmak üçin ýeterlik bolmady. Geçiren goly babatda koreýlerden yza galan Urugwaýa 2002-nji ýyldan soň ilkinji gezek 1/8 finala çykmak başartmady.

## GYZYKLY MAGLUMATLAR

**Katar 2022-de toparçalarda jemi 48 oýun oýnalyp, 120 gol (ortaça 2,5) hasaba alyndy. 6 duşuşykda hasap açylmady. GAR 2010-dan soň iň az gol geçirilen toparçalaýyn tapgyr boldy.**

**Hiç bir topara 9 utuk toplamak başartmady. Iň soňky gezek şeýle hasabat ABŞ 1994-de ýüze çykypdy.**

**Toparçalardaky oýunlarda 166 sary, 2 gyzyl kart görkezildi. Iň köp Saud arabystanyly futbolçylar sary kart aldy (12 oýunça jemi 14 sary kart görkezildi).**




**Toparçalardaky duşuşyklara stadionlarda 2,45 million janköýer tomaşa etdi. Bu bolsa geçen çempionatdakydan 280 müň adam köpdür.**

**1/8 finala çykan ýygyndylaryň 8-si UEFA-nyň, taryhda ilkinji gezek 3-si AFK-nyň, 2-si KONMEBOL-yň, 2-si KAF-yň, 1-i KONKAKAF-yň wekilleridir.**

### KOSTA RIKA – GERMANIÝA 2-4

Katar 2022 – 01.12.2022 - «E» TOPARÇA

- **GOL:** Teheda 58, Wargas 70 – Gnabri 10, Hawerts 73, 85, Füllkrug 89
- **SARY KART:** Duarte 77
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kai Hawerts (Germaniýa)
- **KOSTA RIKA (5–4–1):** Nawas (k) – Waston, Duarte, Wargas, Fuller (Matarrita 74), Owiedo (Wilson 90+3) – Kampbell, Borges, Teheda (Kontreras 90+3), Agilera (Salas 46) – Wenegas (Bennette 74); **Tälimçi:** Luis Fernando Suares
- **GERMANIÝA (4–2–3–1):** Noýer (k) – Kimmih, Sule (M. Ginter 90+3), Rüdiger, Raum (Gýotse 66) – Goreska (Klostermann 46), Gündogan (Füllkrug 55) – Sane, Musiala, Gnabri – Tomas Müller (Hawerts 66); **Tälimçi:** Hansi Flik
- **EMIN:** Stefani Frappar (Fransiýa)
- **STADION:** «Al Bayt» – Al Hor
- **TOMAŞAÇY:** 67 054





### ÝAPONIÝA – ISPANIÝA 2-1

Katar 2022 – 01.12.2022 - «E» TOPARÇA

- **GOL:** Doan 48, Tanaka 51– Morata 11
- **SARY KART:** Itakura 39, Taniguçi 44, Ýoşida 45
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Ao Tanaka (Ýaponiýa)
- **ÝAPONIÝA (3–4–3):** Gonda – Itakura, Ýoşida (k), Taniguçi – Ito, Morita, Tanaka (Endo 87), Nagatomo (Mitoma 46) – Kamada (Tomiýasu 68), Maeda (Asano 62), Kubo (Doan 46); **Tälimçi:** Hažime Moriýasu
- **ISPANIÝA (4–3–3):** Simon – Aspilikueta (Karwahal 46), Rodri, Pau Torres, Balde (Ýordi Alba 68) – Buskets (k), Gawi (Fati 68), Pedri – Niko Williams (Asensio 57), Morata (Ferran Torres 57), Dani Olmo; **Tälimçi:** Luis Enrike
- **EMIN:** Wiktor Gomes (Günorta Afrika)
- **STADION:** «Khalifa International» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 44 851

### HORWATIÝA – BELGIÝA 0-0

Katar 2022 – 01.12.2022 - «F» TOPARÇA

- **SARY KART:** Dendonker 67
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Luka Modriç (Horwatiýa)
- **HORWATIÝA (4–3–3):** Liwakowiç – Ýuranowiç, Lowren, Gwardiol, Sosa – Brozowiç, Modriç (k), Kowaçiç (Maýer 90+2) – Kramariç (Petkowiç 64), Liwaýa (Paşaliç 64), Perişiç; **Tälimçi:** Zlatko Daliç
- **BELGIÝA (4–2–3–1):** Kurtua – Mýonýe (E. Hazar 87), Alderweireld, Wertongen, Kastaýne – Dendonker (Tilemans 72) Witsel – De Bruýne (k), Mertens (R. Lukaku 46), Karrasko (Doku 72) – Trossar (T. Hazar 59); **Tälimçi:** Roberto Martines
- **EMIN:** Antoni Teýlor (Angliýa)
- **STADION:** «Ahmad bin Ali» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 43 984





### KANADA – MAROKKO 1-2

Katar 2022 – 01.12.2022 - «F» TOPARÇA

- **GOL:** Aguerd 40 ö.d. – Ziýeş 4, En-Nesiri 23
- **SARY KART:** Hiolett 7, Osorio 26, Adekugbe 45+2, Witoria 84
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Aşraf Hakimi (Marokko)
- **KANADA (4–4–2):** Borýan (k) – Jonston, Witoria, Miller, Adekugbe (I. Kone 60) – A. Dewis, Osorio (Larýea 65), Kaýe (Hatçinson 60), Bukanan – Hoilett (Wozerspun 76), Larin (J. Dewid 60); **Tälimçi:** Jon Herdman
- **MAROKKO (4–3–3):** Bunu – Hakimi (Jabrane 85), Aguerd, Saiss (k), Mazruai – Amrabat, Unahi (El Ýamik 76), Sabiri (Selim Amallah 65) – Ziýeş (Hamdallah 76), En-Nesiri, Bufal (Abuhlal 65); **Tälimçi:** Walid Regragui
- **EMIN:** Rafael Klaus (Braziliýa)
- **STADION:** «Al Thumama» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 43 102

### SERBIÝA – ŞWEÝSARIÝA 2-3

Katar 2022 – 02.12.2022 - «G» TOPARÇA

- **GOL:** Mitrowiç 26, Wlahowiç 35 – Şakiri 20, Embolo 44, Froýler 48
- **SARY KART:** S. Milinkowiç-Sawiç 47, Pawlowiç 56, Raýkowiç 66, Gudel 81, Mitrowiç 82, Milenkowiç 90+5, Lukiç 90+10 – Widmer 15, Wargas 34, Džaka 90+5, Şar 90+9
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Granit Džaka (Şweýsariýa)
- **SERBIÝA (3–4–3):** W. Milinkowiç-Sawiç – Milenkowiç, Welkowiç (Gudel 55), Pawlowiç – Žiwkowiç (Džuriçiç 78), S. Milinkowiç-Sawiç (Maksimowiç 68), Lukiç, Kostiç – Tadiç (k) (Radonýiç 78), Mitrowiç, Wlahowiç (Ýowiç 55); **Tälimçi:** Dragon Stoýkowiç
- **ŞWEÝSARIÝA (4–2–3–1):** Kobel – Widmer, Akanži, Şar, Rodriges – Froýler, Džaka (k) – Şakiri (Fernandes 69), Sow (Zakariýa 69), Wargas (Fassnakt (83) – Embolo (Okafor 90+6); **Tälimçi:** Murat Ýakin
- **EMIN:** Fernando Rapallini (Argentina)
- **STADION:** «Stadium 974» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 41 378





### KAMERUN – BRAZILIÝA 1-0

Katar 2022 – 02.12.2022 - «G» TOPARÇA

- **GOL:** Wensen Abubakar 90+2
- **SARY KART:** Tolo 6, Fai 32, Kunde 28, Abubakar 81, 90+3 – Militao 7, Gimaraeş 85
- **GYZYL KART:** Wensen Abubakar 90+3
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Dewis Espassi (Kamerun)
- **KAMERUN (4–2–3–1):** Epassi – Fai, Wuh, Ebosse, Tolo – Zambo Anguissa, Kunde (Ntçam 68) – Mbeumo (Ekambi 64), Şupo-Moting, Ngamaleu (Mbekeli 86) – Abubakar (k); **Tälimçi:** Rigobert Song
- **BRAZILIÝA (4–2–3–1):** Ederson – Dani Alwes (k), Eder Militao, Bremer, Aleks Telles (Markinios 54) – Fabinio, Fred (B. Gimaraeş 54) – Antoni (Rafinýa 79), Rodrigo (Ewerton Ribeiro 54), Gabriel Martinelli – G. Žesus (Pedro 64); **Tälimçi:** Tite
- **EMIN:** Ismail Elfath (ABŞ)
- **STADION:** «Lusail Iconic» – Lusail
- **TOMAŞAÇY:** 85 986

### G. KOREÝA – PORTUGALIÝA 2-1

Katar 2022 – 02.12.2022 - «H» TOPARÇA

- **GOL:** Kim Ýen Gwon 27, Hwan Hi Çžan 90+1 - Horta 5
- **SARY KART:** Li Kan In 36, Hwan Hi Çžan 90+2
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Hwan Hi Çžan (G. Koreýa)
- **GÜNORTA KOREÝA (4–3–3):** Kim Syn Gýo – Kim Mun Hwan, Kwon Kýun Won, Kim Ýen Gwon (Son Çžun Ho 81), Kin Žun Su – Çžun U Ýen, Hwan In Beom, Li Kan In (Hwan Ýý Çžo 81) – Li Çže Son (Hwan Hi Çžan 65), Çžo Gue Son (Çžo Ýu Min 90+3), Son Hyn Min (k); **Tälimçi:** Seržio Kosta (Paulo Bento)
- **PORTUGALIÝA (4–3–3):** Kosta – Dalot, Pepe, Antonio Silwa, Kanselo – Neweş (Palinýa 65), Mateus Nuneş (Leao 65), Witinýa (William Karwalýo 81) – Kristiano Ronaldo (k) (Andre Silwa 65), Žoao Mario (B. Silwa 81); **Tälimçi:** Fernando Santoş
- **EMIN:** Fakundo Tello (Argentina)
- **STADION:** «Education City» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 44 097





### GANA – URUGWAÝ 0-2

Katar 2022 – 02.12.2022 - «H» TOPARÇA

- **GOL:** Žoržian De Arraskaeta 26, 32
- **SARY KART:** Sulemana 86, Seidu 90+9 – Nunýes 20, Suares 60, Koates 87, Kawani 90+10, Himenes 90+10
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Ž. De Arraskaeta (Urugwaý)
- **GANA (4–2–3–1):** Ati-Zigi – Seidu, Amarti, Salisu, Rahman – Parti, Abdul Samed (Kýereh 72) – Kudus (Issahaku 90+8), A. Aýew (k) (Bukari 46), J.Aýew (Sulemana 46) – I. Williams (Semenýo 72); **Tälimçi:** Otto Addo
- **URUGWAÝ (4–4-2):** Roçet – Warela, Himenes, Koates, Oliwera – Pellistri (De La Kruz 66), Walwerde, Bentankur (Wesino 34), De Arraskaeta (Kanobbio 80) – Luis Suares (k) (Kawani 66), Nunýes (M. Gomes 80); **Tälimçi:** Diego Alonso
- **EMIN:** Daniel Sibert (Germaniýa)
- **STADION:** «Al Janoub» – Al Wakra
- **TOMAŞAÇY:** 43 443

## 1/8 final: GARAŞYLAN NETIJELER

1/8 final oýunlarynyň diňe birinden galanynda garaşylmadyk netije ýüze çykmady. Niderlandlar ABŞ-nyň ýygyndysyny Depaý, Blind hem-de 2 asist eden Dumfrisiň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňdi. Argentina hem Lionel Messiniň karýerasyndaky 1000-nji duşuşygynda Awstraliýadan 2–1 üstün çykdy. Argentina ýeňiş getiren gollary Messi bilen Alwares geçirdi. Niderlandlar 7-nji, Argentina 10-njy gezek çärýek finala çykdy.

Polşanyň ýygyndysyny Žiru we Mbappeniň (2) gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňen çempion Fransiýa ýoluny dowam edýär. Duşuşykda tapawutlanan Oliwie Žiru 52-nji goluny geçirip, 7-nji gezek çärýek finala çykan Fransiýanyň ýygyndysynyň iň netijeli futbolçysy rekordyny Tierri Anriden (51) almagy başardy. Angliýanyň ýygyndysy ilkinji gezek duşuşýan garşydaşy Senegalyň derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Henderson, Keýn hem-de Sakanyň gollary bilen ýeňiş gazanan Angliýa adyny 10-njy gezek iň gowy 8 toparyň arasyna ýazdyrmagy başardy.

**AZIÝADA AZIÝALYLAR GALMADY**

Dünýäniň çempionlarynyň ikisini ýeňip, taryhynda ilkinji gezek yzly-yzyna 1/8 finala çykan Ýaponiýa ýene-de çärýek finalyň bosagasyndan gaýtdy. 1/8 finalda Horwatiýa bilen duşuşan Ýaponiýa 43-nji minutda Maedanyň goly bilen öňe saýlansa-da, horwatlar 55-nji minutda Perişiçiň goly bilen jogap berdi. Duşuşygyň galan minutlarynda, şeýle-de goşmaça wagtda hasap üýtgemedi. Penalti urgularynda ýaponlar 3–1 hasabynda asgyn gelip, şowly başlan çempionatlary bilen hoşlaşmaly boldular. Horwatiýanyň derwezeçisi Liwakowiç portugaliýaly Rikardo (2006) hem-de watandaşy Daniel Subaşiçden (2018) soň 3 penalti saklan 3-nji derwezeçi boldy. Şol gün oýnalan başga bir oýunda Braziliýanyň ýygyndysy Günorta Koreýany 4–1 hasabynda ýeňdi. Braziliýanyň ýygyndysy 68 ýyldan soň 1-nji ýarymda 4 gol geçirdi. Duşuşykda sambaçylaryň adyndan Winisius Junior (7), Neýmar (13 p), Rişarlison (29) hem-de Lukas Paketa (36) tapawutlandy. 3-nji goluň pasyny beren Tiago Silwa (38 ýaş 74 gün) kamerunly Rojer Milladan (38 ýaş 42 gün) öňe saýlanyp, Dünýä Kubogynyň çäginde asist eden iň ýaşuly futbolçy rekordynyň täze eýesi boldy. Şeýle-de, duşuşygyň 80-nji minutynda Braziliýanyň 3-nji derwezeçisi Wewerton hem meýdança girdi. Şunlukda, Braziliýanyň ýygyndysyndaky 26 futbolçy hem Dünýä Kubogynda çykyş etdi. Braziliýadan öň 2 ýygyndynyň düzümindäki ähli futbolçy Dünýä Kubogynda çykyş edipdi. 1994-nji ýylda Gresiýanyň 22, 2014-nji ýylda-da Niderlandlaryň 23 futbolçysy Dünýä Kubogynda meýdança çykypdy. Koreýleriň utulmagyndan soň Aziýada geçýän çempionatda aziýaly ýygyndy galmady.





Tapgyryň iň garaşylmadyk netijesi Marokko bilen Ispaniýanyň arasyndaky oýunda hasaba alyndy. Esasy we goşmaça wagty golsuz geçen oýunda penaltileriň netijesinde Marokko 3–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, taryhynda ilkinji gezek çärýek finala çykdy. Marokkonyň ýygyndysy çärýek finala çykan 4-nji Afrika topary hökmünde hasaba alyndy (Kamerun – 1990, Senegal – 2002, Gana – 2010). Ispanlaryň penalti urgularynyň hiç biri-de dürs bolmady. Ýygyndynyň PSŽ-li futbolçylary Sarabiýa hem-de Soleriň, şeýle-de Busketsiň urgulary takyk bolman, Ispaniýanyň ýygyndysy ýeke penaltini hem geçirip bilmedik 2-nji ýygyndy boldy (1-njisi Şweýsariýa, 2006). Şweýsariýany 6–1 hasabynda ýeňen Portugaliýanyň ýygyndysy soňky çärýek finalçy bolup, duşuşykda 3 gol geçiren Gonsala Ramoş Katar 2022-de het-trik eden ilkinji oýunçy diýlip hasaba alyndy. 21 ýaşyndaky hüjümçi karýerasy boýunça ilkinji gezek esasy düzümde meýdança çykdy. Ronaldo bolsa 2008-nji ýyldan soň uly ýaryşlarda ilkinji gezek ätiýaçdan oýna girdi. Ol soňky gezek hem Şweýsariýa bilen bolan oýunda ätiýaçda oturypdy.

**ÇÄRÝEK FINAL OÝUNLARY**

Çärýek finalda Horwatiýa bilen Braziliýa (9-njy dekabr, 20:00) Niderlandlar bilen Argentina (9-njy dekabr, 00:00), Marokko bilen Portugaliýa (10-njy dekabr, 20:00) hem-de Angliýa bilen Fransiýa (10-njy dekabr, 00:00) duşuşarlar. Braziliýa Horwatiýany 3, Niderlandlar Argentinany 4, Angliýa Fransiýany 31 oýunda 17 (Fransiýa 9) gezek ýeňdi. Marokko bilenem Portugaliýa 2 gezek duşuşyp, hersi 1 sapar ýeňiş gazandy. Marokko 1986-njy ýylda 3–1, Portugaliýa bolsa 2018-nji ýylda 1–0 ýeňipdi.

Argentina bilen Niderlandlar Dünýä Kubogynda 5 gezek duşuşyp, ikisiniň arasyndaky oýun çempionatyň nusgawy duşuşyklarynyň hatarynda görkezilýär. 1974-nji ýylda Niderlandlar 4–0 utsa, 1978-nji ýylyň finalynda Argentina goşmaça wagtda 3–1 üstün çykypdy. 1998-nji ýylda çärýek finalda Niderlandlar 2–1 ýeňse, 2006-njy ýylda toparçadaky oýunda hasap açylmandy. 2014-nji ýylda-da ýarym finalda golsuz geçen oýundan soň penaltileriň netijesinde Argentina finala çykypdy. Angliýa bolsa Fransiýany Dünýä Kubogynda 2 gezek ýeňdi (2–0, 1996; 3–1, 1982). Braziliýa hem Horwatiýany 2006-njy ýylda 1–0, 2014-nji ýylda-da 3–1 ýeňipdi.

### NIDERLANDLAR – ABŞ 3-1

Katar 2022 – 03.12.2022 – 1/8 FINAL

- **GOL:** Depaý 10, Blind 45+1, Dumfris 81 – Raýt 76
- **SARY KART:** Koopmaýners 60, F. De Ýong 87
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Denzel Dumfris (Niderlandlar)
- **NIDERLANDLAR (3–4–1–2):** Noppert – Timber, Wan Deýk (k), Ake (De Ligt 90+3) – Dumfris, De Roon (Koopmaýners 46), F. De Ýong, Blind – Klaassen (Bergwiýn 46) – Gakpo (Wegorst 90+3), Depaý (Simons 83); **Tälimçi:** Lui Wan Gaal
- **ABŞ (4–3–3):** Törner – Dest (Ýedlin 75), Zimmerman, Rim, Robinson (Morris 90+2) – Adams (k), Musah, MakKenni (Haji Raýt 67) – Wea (Aaronson 67), Ferreira (Reýna 46), Pulişiç; **Tälimçi:** Gregg Berhalter
- **EMIN:** Wilton Sampaio (Braziliýa)
- **STADION:** «Khalifa International» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 44 846





### ARGENTINA – AWSTRALIÝA 2-1

Katar 2022 – 03.12.2022 – 1/8 FINAL

- **GOL:** L. Messi 35, H. Alwares 57 – Fernandes 77 ö.d.
- **SARY KART:** Irwin 15, Degenek 38
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Lionel Messi (Argentina)
- **ARGENTINA (4–3–3):** E. Martines – Molina (Montiel 80), Romero, Otamendi, Akunýa (Taliafiko 71) – Fernandes, DePaul, Mak Allister (Palasios 80) – Alwares (Lau. Martines 71), Messi (k), Papu Gomes (Lis. Martines 50); **Tälimçi:** Lionel Skaloni
- **AWSTRALIÝA (4–4–2):** Raýan (k) – Degenek (Karaçiç 71), Suttar, Rowles, Behiç – Leki (Maklaren 71), Bakkus (Krustiç 58), Mooý, MakGi (Gudwin 58) – Dýuk (Kuol 71), Irwin; **Tälimçi:** Grem Arnold
- **EMIN:** Simon Marçiniak (Polşa)
- **STADION:** «Ahmad bin Ali» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 45 032

### FRANSIÝA – POLŞA 3-1

Katar 2022 – 04.12.2022 – 1/8 FINAL

- **GOL:** Oliwie Žiru 44, Kilian Mbappe 74, 90+4 – Robert Lewandowski 90+9 p
- **SARY KART:** Tçuameni 32 – Berezinski 47, Keş 88
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Kilian Mbappe (Fransiýa)
- **FRANSIÝA (4–2–3–1):** Lloris (k) – Kunde (Disasi 90+2), Waran, Apamekano, T. Hernandes – Tçuameni (Fofana 66), Rabio – Dembele (Koman), Grizmann, Mbappe – Žiru (Turam 76); **Tälimçi:** Didie Deşam
- **POLŞA (4–5–1):** Şensny – Keş, Glik, Kiwior (Bednarek 87), Berezinski – Kryhowiak (Zalewski 71), Zielinski, Şimanski (Milik 64), Kaminiski (Bielik 71), Frankowski (Grosiski 87) – Lewandowski (k); **Tälimçi:** Çeslaw Miniewiç
- **EMIN:** Hesus Walenzuela (Wenesuela)
- **STADION:** «Al Thumama» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 40 989





### ANGLIÝA – SENEGAL 3-0

Katar 2022 – 04.12.2022 – 1/8 FINAL

- **GOL:** Henderson 38, Keýn 45+3, Saka 57
- **SARY KART:** Kulibali 76
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Harri Keýn (Angliýa)
- **ANGLIÝA (4–3–3):** Pikford – Wolker, Stounz (Daýer 76), Maguaýr, Şow – Raýs, Henderson (Fillips 82), Bellingam (Maunt 76) – Saka (Reşford 65), Keýn (k), Foden (Griliş 65); **Tälimçi:** Garet Sautgeýt
- **SENEGAL (4–2–3–1):** E. Mendi – Sabali, Kulibali (k), Diallo, Ýakobs (Ballo-Ture 84) – P. Siss (Matar Sarr 46), N. Mendi – Diatta (P. Geýe 46), Ndiaýe (B. Dieng 46), Ismaila Sarr – Bulaýe Dia (Diedhiu 72); **Tälimçi:** Aliu Sisse
- **EMIN:** Iwan Barton (Salwador)
- **STADION:** «Al Bayt» – Al Hor
- **TOMAŞAÇY:** 65 985

### ÝAPONIÝA – HORWATIÝA 1-1 1–3 (p)

Katar 2022 – 05.12.2022 – 1/8 FINAL

- **GOL:** Maeda 43 – Perişiç 55
- **PENALTI:** (Minamino), (Mitoma), Asano, (Ýoşida) – Wlaşiç, Brozowiç, (Liwaýa), Paşaliç
- **SARY KART:** Kowaçiç 90, Barişiç 106
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Dominik Liwakowiç (Horwatiýa)
- **ÝAPONIÝA (3–4–3):** Gondo – Tomiýasu, Ýoşida (k), Taniguçi – Ito, Endo, Morita (Tanaka 106), Nagatomo (Mitoma 64) – Doan (Minamino 87), Maeda (Asano 64), Kamada (Sakai 75); **Tälimçi:** Hažime Moriýasu
- **HORWATIÝA (4–3–3):** Liwakowiç – Ýuranowiç, Lowren, Gwardiol, Barişiç – Brozowiç, Modriç (k) (Wlaşiç 99), Kowaçiç (Maýer 99) – Kramariç (Paşaliç 68), Petkowiç (Budimir 62, Liwaýa 106), Perişiç (Orşiç 106); **Tälimçi:** Zlatko Daliç
- **EMIN:** Ismail Elfath (ABŞ)
- **STADION:** «Al Janoub» – Al Wakra
- **TOMAŞAÇY:** 42 523





### BRAZILIÝA – G. KOREÝA 4-1

Katar 2022 – 05.12.2022 – 1/8 FINAL

- **GOL:** Winisius Junior 7, Neýmar 13 p, Rişarlison 29, Lukas Paketa 36 – Paýk Syn Ho 76
- **SARY KART:** Çžon U Ýen 44
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Neýmar (Braziliýa)
- **BRAZILIÝA (4–2–3–1):** Alisson (Wewerton 80) – Eder Militao (Dani Alwes 63), Markinios, Tiago Silwa (k), Danilo (Bremer 72) – Kazemiro, Lukas Paketa – Rafinýa, Neýmar (Rodrigo 80), W. Junior (Gabriel Martinelli 72) – Rişarlison; **Tälimçi:** Tite
- **GÜNORTA KOREÝA (4–4–2):** Kim Syn Gýo – Kim Mun Hwan, Kim Min Çže, Kim Ýen Gwon, Kim Çžin Su (Hon Çhol 46) – Li Çže Son (Li Kan In 74), Ç. U Ýen (Son Çžun Ho 13), H. In Beom (Paýk Syn Ho 65), H. Hi Çžan – Çžo Gýu Son (H. Uý Çžo 80), Son Hyn Min (k); **Tälimçi:** Paulo Bento
- **EMIN:** Klemen Turpen (Fransiýa)
- **STADION:** «Stadium 974» – Doha
- **TOMAŞAÇY:** 43 847

### MAROKKO – ISPANIÝA 0-0 3–0 (p)

Katar 2022 – 06.12.2022 – 1/8 FINAL

- **PENALTI:** Sabiri, Ziýeş, (Benun), Hakimi – (Sarabiýa), (Soler), (Buskets)
- **SARY KART:** Saiss 90 – Laport 77
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Ýassin Bunu (Marokko)
- **MAROKKO (4–3–3):** Bunu – Hakimi, Aguerd (El Ýamik 84), Saiss (k), Mazruai (Attiýat Allah 82) – Amrabat, Unahi (Benun 12), Selim Amallah (Sabiri 82) – Ziýeş, En-Nesiri (Çeddira 82), Bufal (Ezzalzuli 66); **Tälimçi:** Walid Regragui
- **ISPANIÝA (4–3–3):** Simon – Markos Llorente, Rodri, Emerik Laport, Žordi Alba (Alehandro Balde 98) – Buskets (k), Gawi (Soler 63), Pedi – Ferran Torres (Niko Williams 75, Sarabiýa 118), Asensio (Morata 63), Dani Olmo (Ansu Fati 98); **Tälimçi:** Luis Enrike
- **EMIN:** Fernando Rapallini (Argentina)
- **STADION:** «Education City» – Al Raýýan
- **TOMAŞAÇY:** 44 667





### PORTUGALIÝA –ŞWEÝSARIÝA 6-1

Katar 2022 – 06.12.2022 – 1/8 FINAL

- **GOL:** Ramoş 17, 51, 67, Pepe 33, Gerreýro 55, Leao 90+2 – Akanži 58
- **SARY KART:** Şar 43, Jömert 59
- **DUŞUŞYGYŇ ÝYLDYZY:** Gonsalo Ramoş (Portugaliýa)
- **PORTUGALIÝA (4–3–3):** Kosta – Dalot, Pepe (k), Ruben Diaş, R. Gerreýro – W. Karwalýo, Otawio (Witinýa 74), B. Silwa (Ruben Neweş 81) – Bruno Fernandeş (Leao 87), Gonsalo Ramoş (K. Ronaldo 74), Žoao Feliks (Rikardo Horta 74); **Tälimçi:** Fernando Santoş
- **ŞWEÝSARIÝA (4–2–3–1):** Sommer – Fernandes, Şar (Jömert 46), Akanži, Rodriges – Froýler (Zakariýa 54), Džaka (k) – Şakiri, Sow (Seferowiç 54), Wargas (Okafor 66) – Embolo (Ýaşari 89); **Tälimçi:** Murat Ýakin
- **EMIN:** Sezar Arturo Ramos (Meksika)
- **STADION:** «Lusail Iconic» – Lusail
- **TOMAŞAÇY:** 83 720



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Ýewropanyň meşhur Täze ýyl bazarlary

Belgiýanyň paýtagty Brýusseliň şäher merkezindäki «Grand Palace» meýdançasynda her ýyl Roždestwo we Täze ýyl baýramçylyklary üçin ýörite bazar guralýar. Bu bazarlarda jahankeşdeler üçin, esasan hem, elde ýasalan, tikilen harytlar satuwa çykarylýar. Galybersede, bazaryň çägindäki buz meýdançasy, dürli yşyklar bilen bezelen gezelenç ýodalary, äpet arça agajy, ýörite guralýan konsertler bu ýere gelenleri özüne maýyl edýär. Belgiýanyň dünýä belli «waffle» kökeleri, şokolad önümleri bazara gelýänleriň iň köp satyn alýan harytlarydyr. Brýusseldäki baýramçylyk bazarynyň ýene bir aýratynlygy-da, her ýyl Ýewropanyň bir şäheri «myhman şäher» hökmünde saýlanýar. Şol myhman şäheriň ýaşaýjylary Brýussele baryp, özleriniň medeniýetini, däp-dessurlaryny, taryhy aýratynlyklaryny «Grand Palace» meýdanyna ýygnananlara görkezýärler.



Daniýanyň paýtagty Kopengageniň taryhy ýerleriniň biri bolan «Tiwoli» seýilgähler toplumy diňe bir Täze ýylyň bosagasynda däl, eýsem, tutuş ýylyň dowamynda-da gelim-gidimli ýerleriň biri bolmagy bilen tapawutlanýar. Noýabr aýynyň 2-nji hepdesinden soň bu seýilgähler toplumy Roždestwo we Täze ýyl baýramçylyklarynyň bezegleri bilen bezelip başlanýar. Aýratyn-da, 7 kilometre uzap gidýän yşykly bezegler görenleri haýran galdyrýar. Bu özboluşly bazaryň iň köp isleg bildirilýän harytlarynyň hatarynda ýurduň iň meşhur tagamlarynyň biri bolan mürepbeli donutlary görkezmek bolar.



Germaniýanyň islendik şäherinde-de Roždestwo we Täze ýyl baýramçylyklaryna bagyşlanan bazarlara aýratyn üns berilýär. Ýöne olaryň arasynda iň meşhury Drezdendäki baýramçylyk bazary hasaplanýar. Sebäbi bu ýerde Saksoniýanyň iň ökde zynatçylarynyň el hünärinden kemala gelen sowgatlyk harytlar, milli önümler köpçülige hödürlenýär. 1434-nji ýyldan gözbaş alýan bu bazaryň köp adamly bolmagynyň esasy sebäpleriniň ýene-de biri dört tonnalyk miweli keksiň taýýarlanýandygydyr. Drezdeniň baýramçylyk bazarynda 200-den gowrak biri-birinden owadan diwarlyklar bolup, bazaryň iň görnükli ýerinde jahankeşdeleriň ünsüni özüne çekýän 15 metrlik «Roždestwo piramidasy» gurulýar.



Çehiýanyň paýtagty Pragada iki bazar has köp ünsi çekýär. Olaryň biri şäheriň ozalky merkezindäki meýdançada, beýlekisi-de Wenseslas meýdanynda ýerleşýär. Köne şäher meýdanyndaky bazar orta asyrlary ýadyňa salýar. Bu ýerdäki ähli zat mundan 500-600 ýyl ozalky durmuşy janlandyrýar. Beýleki bazarda-da çehleriň dünýä belli gurjaklary, Bohemiýa hrustallary, elde ýasalan tagta oýnawaçlary esasy harytlar bolup, jahankeşdeler bu önümlere uly isleg bildirýärler. Kişmişli çörekler baýramçylyk bazarynda iň köp satylýan azyk önümleriniň biridir.



Awstriýanyň iri şäherleriniň biri bolan Salsburgdaky «Christkindlmarkt» bazary XV asyrdan bäri halka hyzmat edip gelýär. Şol döwürde zenanlaryň el işleriniň satylyp başlanmagyndan soň peýda bolan bu bazaryň merkezindäki köne gala hem onuň görküne görk goşýar. Tüýli şypbyklar, ýüňden dokalan egin-eşikler, gala-ýydan ýasalan sowgatlyklar bazary tapawutlandyrýan harytlar bolup durýar. Baýramçylyk bazarynda satylýan zenjebilli çörekleriň tagamyna-da jahankeşdeler ýokary baha berýärler.



# BÜTINDÜNÝÄ FUTBOL GÜNI



Her ýylyň 10-njy dekabrynda sportuň iň köp tomaşaçyly, şowhunly görnüşi bolan futbolyň Bütindünýä güni giňden bellenip geçilýär. BMG tarapyndan yglan edilen Bütindünýä futbol güni sportuň bu görnüşine göwün beren janköýerleriň jebisligini gazanmak maksady bilen esaslandyrylýar. Ata Watany Angliýa hasaplanýan, öz gözbaşyny resmi taýdan 1863-nji ýyldan alyp gaýdýan bu owadan oýun bilen gyzyklanýanlaryň sany ýyl-ýyldan artýar. Häzirki wagtda 211 agzasy bolan FIFA (Halkara Futbol Federasiýasy, 1904-nji ýylda esaslandyrylan) düzüminde millionlarça futbolçyny jemleýär. Bütindünýä futbol gününde toparlaryň arasynda oýunlar guralýar, bäsleşikler geçirilýär.

**Futbolyň taryhyndan.** Futbol barada ýazylan ilkinji maglumatlara gaty irki döwürlerde – iki müň ýyl mundan ozalky hytaý ýazgylarynda duş gelmek bolýar. «Aýak bilen top oýnamak» diýlip atlandyrylan bu oýun ilkibaşda garymgatym oýnalypdyr. Taryhçylaryň bellemeklerine görä, iki ýarym müň ýyl mundan ozal gadymy Gresiýada we Rimde hem «top üçin söweş» atly oýun oýnalypdyr. Bu oýun söweş sungaty arkaly ýerine ýetirilipdir. Wagtyň geçmegi bilen bu oýun iňlis medeniýetine ornaşýar. Soňlugy bilen futbol (aýak topy) diýlip atlandyrylan bu oýun düzgünleşdirilip başlanýar. Oýunçylar iki topara bölünýär, ýörite egin-eşik we aýakgap geýilýär. 1801-nji ýylda iňlis ýazyjysy Jozef Stratt häzirki zaman futbolynyň esaslaryna meňzeş oýnuň düzgünlerini «Sport we güýmenje» atly kitabynda suratlandyrýar. 1863-nji ýylda futbol düzgünleri resmi taýdan kabul edilýär hem-de Angliýada Futbol Assosiasiýasy döredilýär. 1891-nji ýylda Angliýanyň Demirgazyk we Günorta toparlarynyň arasyndaky oýunda ilkinji gezek tor ulanylýar.

# BÖWÜRSLEN – JANA ŞYPALY MIWE



Ownuk gara miweli, tikenli gyrymsy ösümlik bolan böwürslen, esasan, sowuk howaly daglyk ýerlerde ýabany ýagdaýda ösýär. Böwürslen tikenli gyrymsy agaç bolup, diş-diş ýapraklary bar. Bu ösümlik ýeriň üstünde ýazylyp ýa-da bir zada dyrmaşyp, ortaça 3-6 metrden, 9 metre çenli ösüp bilýär. Böwürslen çöle, şor we tarp ýere çydamly bolup, topragy özleşdirmekde hem peýdalydyr. Ak-gülgüne ýa-da gyzyl gülleri bolan bu ösümlik owunjak däneli miwe getirýär. Böwürsleniň malina meňzeş garaja miwesi adam saglygy üçin juda peýdalydyr. Megerem, böwürsleni halamaýan ýok bolsa gerek. Böwürsleniň adybir miwesi düzüminde glýukoza, fruktoza, C witamini, karotin, organik turşulyklary we tokoferol toplumyny saklaýar. Jana şypa beriji bu miwe böwregi, süýjüli diabeti, peşew haltasynyň kesellerini bejermekde ulanylýar. Irki döwürlerde böwürsleniň ýapragyndan taýýarlanan melhemler deri kesellerinde: ýarany bitirmekde, demrewi bejermekde giňden ulanylypdyr. Böwürslenden taýýarlanan şerbet teşneligiňi gandyryjy häsiýete eýe bolup, aşgazan-içege ulgamynyň işine oňaýly täsir edýär. Ateroslerozdan (damar daralmasy) ejir çekýänlere böwürslen iýmek örän peýdalydyr. Böwürslen gyzgyny peseltmek, dem alyş ýoly bilen bagly gaýry üzülmeleriň öňüni almak üçin hem ulanylýar. Ýapragynyň şiresi bilen garylan böwürsleniň sowuklamada, ganazlykda, içgeçmede oňyn täsiri bar.



# TÜRKMENISTANYŇ KÄRDEŞLER ARKALAŞYKLARYNYŇ DAŞOGUZ WELAÝAT BIRLEŞMESI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi giňden bellenilýän Halkara Bitaraplyk güni bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

1995-nji ýylyň 12-nji dekabry Türkmenistanyň taryhyna örän möhüm syýasy seneleriň biri hökmünde ýazyldy. Mundan 27 ýyl ozal Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan taryhy Rezolýusiýanyň kabul edilmegi bilen Türkmenistan döwletimiz hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe boldy. Şu gysga taryhy döwrüň içinde Aziýanyň we Ýewropanyň çatrygynda ýerleşýän döwletimiz parahatçylygy, ählumumy howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek ugrunda dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalary bilen sazlaşykly gatnaşyklary ýola goýmak, halkara hyzmatdaşlygynyň düýbünden täze, netijeli ýollaryny we ugurlaryny kemala getirmek babatynda gymmatly tejribeleri toplady. Türkmenistan döwletimiz asyrlaryň dowamynda kemala gelen parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerini rowaçlandyrmak, Birleşen Milletler Guramasynyň hem-de beýleki abraýly halkara guramalarynyň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyga gönükdirilen başlangyçlary öňe sürmek, syýasy, ykdysady, ylmy-tehniki, medeni-ynsanperwer ugurlarda halkara taslamalaryny we maksatnamalaryny durmuşa geçirmek bilen, Bitaraplyk syýasatynyň dünýä üçin nusgalyk bolmagyny gazandy.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi parahatçylygy, dostlugy, ynsanperwerligi hem-de hoşniýetliligi dabaralandyrýan ajaýyp halkara baýram bolan Halkara Bitaraplyk güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Size berk jan saglyk, abadan we bagtyýar durmuş, bedew bady bilen ösüşleriň täze belentliklerine tarap ynamly öňe barýan eziz Watanymyzyň mundan beýläk hem gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň başlygy, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň deputaty, Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy Aşyrdurdy ALLAÝEW.**

# TÜRKMENBAŞYDAKY NEBITI GAÝTADAN IŞLEÝÄN ZAWODLAR TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň dünýäniň 185 döwletiniň biragyzdan goldamagynda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ykrar edilmeginiň 27 ýyllygy bilen Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň agzybir işgärleriniň adyndan tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyz Türkmenistanda ägirt uly, guwandyryjy işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda gazanylýan ähli üstünlikler, ýeňişler Siziň alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriňiz bilen baglanyşyklydyr. «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňize eýerýän Türkmenistanyň her bir raýaty mynasyp we abadan durmuşyň hözirini görüp, ösüşleriň täze belentliklerine batly gadam bilen çykýar.

Halkymyzyň şöhratly taryhynda, üstünliklere beslenýän şu gününde we mähriban Diýarymyzyň beýik geljeginde öz beýanyny tapan hemişelik Bitaraplyk toýuny türkmenistanly nebiti gaýtadan işleýjiler hem uly ruhubelentlik bilen garşylaýarlar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkidip, ýangyç–energetika pudagynyň ösüş ýoluna özboluşly goşant goşýan nebiti gaýtadan işleýjilerimiz çig nebiti gaýtadan işlemekde, ýokary hilli nebit we nebit-himiýa önümlerini bolluk bilen öndürmekde, olary islegli alyjysyna ýetirmekde ajaýyp netijeler gazanýarlar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Abadan, asuda Watanymyzyň naýbaşy baýramlarynyň biri bolan Halkara Bitaraplyk güni bilen mähirli gutlap, Size uzak we bagtly ömür, Watanymyzyň gülläp ösmegine we halkymyzyň bagtyýarlygynyň bähbidine alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris! Halkara Bitaraplyk gününde halkymyzyň şatlygyna goşulýarys, goý, her bir maşgalanyň öýünde bu baýramçylyga utgaşyp gidýän şatlykly günler köp bolsun!

Siziň halkymyza baş bolup, ýurt abadançylygynda amala aşyrýan tutumly işleriňiz hemişe rowaç alsyn!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň agzybir işgärleriniň adyndan toplumyň baş direktory D. ÇIŞIÝEW.**

# TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGYNYŇ 27 ÝYLLYGYNA

BOUYGUES TURKMEN

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI JENAP SERDAR GURBANGULYÝEWIÇ BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**

«Bouygues Turkmen» şereketiniň adyndan, şanly baýramçylyk – Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli mähirli gutlaglarymyzy we iň gowy arzuwlarymyzy beýan etmäge rugsat ediň! Ýokary watançylyk duýgusyny kemala getirýän bu milli baýramçylygyň bellenilmegi, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gazananlaryna buýsanjy artdyrýar.

Garaşsyzlyk we Bitaraplyk – türkmen döwletliliginiň iki sütünidir. Hemişelik bitaraplyk syýasaty sosial-ykdysady görkezijileriň durnukly ösmegi üçin şertler döretdi, halkara meselelerinde ygtybarly we konstruktiw hyzmatdaş hökmünde Türkmenistana abraý gazandyrdy we kuwwatly döwlet hökmünde ýurduň ösmegine goşant goşdy.

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident,** köpugurly işleriňizde we Garaşsyz döwletiň täze eýýamynyň galkynýan döwründe maksatlaryňyza ýetmegiňizi, şeýle hem Size we ähli türkmen halkyna berk jan saglyk, abadançylyk we egsilmez gujur-gaýrat arzuw edýäris.

Biziň iş toparymyz hyzmatlaryň möhletleriniň we ýokary hiliniň berjaý edilmegini üpjün etmek, alnyp barylýan işleriň dowamynda iň ýokary tehniki howpsuzlyk derejesini üpjün etmek üçin ähli tagallalary eder. Biziň zähmetimiziň netijesiniň Siziň ähli islegleriňize we müşderilerimiziň talaplaryna laýyk gelmegini üpjün etmäge çalşarys.

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident, biziň hoşniýetli arzuwlarymyzy hem-de Size çuňňur hormat goýýandygymyz baradaky ynandyrmalarymyzy kabul ediň!**

**«BOUYGUES TURKMEN»**
**şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ ГУРБАНГУЛЫЕВИЧУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый Господин Президент!**

От имени компании «Буиг Туркмен» разрешите выразить самые теплые поздравления и пожелания по поводу знаменательного праздника – Международного Дня Нейтралитета. Празднование этого национального праздника, формирующего высокое чувство патриотизма, приумножает гордость за достижения Независимого, Нейтрального Туркменистана.

Независимость и Нейтралитет – это две основы туркменской государственности. Политика постоянного нейтралитета обеспечила условия для устойчивого роста социально-экономических показателей, снискала Туркменистану репутацию надежного и конструктивного партнера в международных делах и способствовала развитию страны как сильного государства.

Желаем Вам, **глубокоуважаемый Господин Президент,** больших успехов в Вашей многогранной деятельности и достижения намеченных целей в период возрождения новой эпохи суверенного государства, а также крепкого здоровья, благополучия и неиссякаемой энергии на долгие годы Вам и всему туркменскому народу.

Наш трудовой коллектив приложит все усилия для обеспечения соблюдения сроков и высокого качества предоставляемых услуг, поддержки самого высокого уровня техники безопасности при ведении работ, и будем стремиться к тому, чтобы результат нашей работы оправдал все Ваши ожидания и требования наших заказчиков.

**Соблаговолите принять, Глубокоуважаемый Господин Президент, заверения в нашем самом высоком уважении и почтении.**

**Руководство и сотрудники компании**
**«БУИГ ТУРКМЕН».**

Zehinli iş

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli halkymyzy «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda ýurdumyzda uly ruhubelentlik, çäksiz şatlyk we buýsanç bilen bellenip geçilýän Halkara Bitaraplyk güni – Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 27 ýyllyk şanly toýy bilen ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

1995-nji ýylyň 12-nji dekabry Garaşsyz türkmen döwletiniň taryhyna altyn harplar bilen ýazyldy. Şol gün Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy baradaky taryhy Rezolýusiýany biragyzdan kabul etdi. Şeýle hem 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy sessiýasynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakynda Rezolýusiýasyny ikinji gezek kabul etmegi, 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda geçirilen 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek barada Rezolýusiýanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň halkara derejesindäki abraý-mertebesini has-da belende göterdi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Biziň agzybir işgärlerimiz Siziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi tanalmaz derejede özgerdýän, dünýäde syýasy taýdan durnukly, ykdysady taýdan kuwwatly ýurtlaryň birine öwürýän beýik üstünlikleriňize guwanýarlar we buýsanýarlar. Eziz Diýarymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda ähli tejribämizi we başarnygymyzy gaýgyrman, tutanýerli we jan aýaman zähmet çekjekdigimize Sizi ynandyrýarys.

**Hormatly Prezidentimiz!** Halkara Bitaraplyk güni – Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 27 ýyllyk şanly toýy mynasybetli Sizi ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys! Siziň türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny, ömrüňiziň uzak, janyňyzyň sag, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ZEHINLI IŞ» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

Ajaýyp Bina

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 27 ýyllygy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Hemişelik Bitaraplygymyzyň parahatçylyksöýüjilik, beýleki halklara, olaryň medeniýetine we däplerine hormat goýmak, hoşniýetlilik ýaly binýatlaýyn ugurlary döwletimiziň halkara giňişligindäki syýasatynyň has-da işjeňleşmegini şertlendirdi. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk ugrunyň BMG-niň maksatlaryna, sebitde parahatçylyk dörediji tagallalaryň utgaşdyrylmagyna laýyk gelýändigi dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan tassyklandy. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek barada Rezolýusiýanyň biragyzdan kabul edilmegi hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara derejesindäki ýokary abraýynyň hem-de onuň parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge goşan uly goşandynyň ählumumy ykrar edilmesi boldy.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Hemişelik Bitaraplyk syýasatyny bütin dünýäde dabaralandyryp, ynsanperwerligiň aýdyň ýoly bilen abadançylyga alyp barýan umumadamzat bähbitli beýik başlangyçlaryňyz, döwleti işleriňiz hemişe rowaç alsyn!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

Miweli Ülke

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-sinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda 185 döwletiň biragyzdan ses bermeginde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy ykrar edildi. Parahatçylyk ýörelgelerini ýaýbaňlandyrmak, agzybirlige sarpa goýmak, birek-birege ýardam bermek biziň milli ýörelgelerimizden gözbaş alýar. Hut Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisiniň kabul eden Rezolýusiýasyna laýyklykda her ýylyň 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýlip yglan edildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmakda biziň kärhanamyzyň hem mynasyp goşandynyň bardygyna guwanýarys. Kärhanamyz ýurdumyzda giň gerim bilen alnyp barylýan işlere mynasyp goşandyny goşýar.

Bizem hemişelik Bitaraplygymyzyň 27 ýyllygynyň dabaraly bellenilip geçilýän günlerinde agzybir işgärlerimiziň adyndan halkymyza baky bagtyýar durmuşy peşgeş berip, öz eziz ilini täze belentliklere alyp barýan hormatly Prezidentimiz – Sizi Halkara Bitaraplyk güni bilen ýene-de bir gezek gutlap, Size berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan tutumly işleriňizde üstünlik arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«MIWELI ÜLKE» hususy kärhanasynyň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGYNYŇ 27 ÝYLLYGYNA

## AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi agzybir işgärlerimiziň adyndan eziz Türkmenistan – ata Watanymyzyň şanly baýramlarynyň naýbaşylarynyň biri – Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek barada Rezolýusiýanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň alyp barýan işjeň daşary syýasatynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan uly goldawa eýe bolandygyny ýene bir gezek görkezdi. Ýer ýüzünde parahatçylygy pugtalandyrmak, özara hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmek ýaly ugurlarda Türkmenistan dünýä nusgalyk işleri durmuşa geçirýär. Türkmenistan hoşniýetli daşary syýasaty bilen dünýäniň möhüm parahatçylyk we ynsanperwerlik merkezleriniň birine öwrüldi. Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ata Watanymyz Türkmenistan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe görlüp-eşidilmedik derejelere ýetýär, günsaýyn gazanylýan üstünlikler özüniň miwelerini eçilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi ýene bir gezek Halkara Bitaraplyk güni bilen gyzgyn gutlaýarys! Halkymyzyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutanýerli işleriňizde Beýik Biribar Size uly goltgy bersin! Janyňyz sag, başyňyz dik, işleriňiz rowaç bolsun!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Bu şanly baýram mynasybetli Size ýetirýän iň oňat arzuwlarymyzy kabul ediň!

1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-si halkymyzyň taryhyndaky iň şanly seneleriň biri hökmünde Türkmenistanyň senenamasyna altyn harplar bilen ýazyldy. Şol gün BMG-niň Baş Assambleýasy dünýäniň 185 döwletiniň biragyzdan goldamagy bilen Garaşsyz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar edýän Rezolýusiýany kabul etdi. 2017-nji ýylyň fewralynda bolsa Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek barada Rezolýusiýanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň alyp barýan işjeň daşary syýasatynyň uly goldawa eýe bolandygyny tassyklaýar. Dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmak we ýurtlaryň arasynda dostlukly hyzmatdaşlygy ýola goýmak, birek-biregi goldamak hemişe gülläp ösüşe alyp barýar.

Ata Watanymyzda bitirilýän ägirt uly işler guwandyryjydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bolup geçýän bimöçber işler, şolaryň netijesinde, döwletiň ykdysadyýetiniň we ilatyň durmuş derejesiniň ýokary depginler bilen ösmegi bizi has-da begendirýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Baýramçylyk gutlagymyzyň üsti bilen Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, işiňiziň rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## GYPJAKDAKY S. NYÝAZOW ADYNDAKY DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we agzybir halkymyzy Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 27 ýyllyk toýy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan iki gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy ählumumy parahatçylygyň we ylalaşygyň pugtalanmagy üçin tagallalary birleşdirýän, özara düşünişmäge hem-de ynanyşmaga esaslanýan gatnaşyklary ýola goýýan ýurt hökmünde türkmen döwletiniň dünýädäki abraýyny has-da artdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Birleşen Milletler Guramasynyň 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmegi sebitde we Ýer ýüzünde parahatçylygy hem-de durnuklylygy üpjün etmekde möhüm ädim boldy. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynda hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan wagtyndan bäri Ýer ýüzüniň ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklary pugtalandyryp, sebit durnuklylygynyň we ösüşiniň berkidilmegine saldamly goşant goşup gelýär.

Birleşen Milletler Guramasyna agza ýurtlaryň hemmesiniň biragyzdan goldan we ykrar eden Halkara Bitaraplyk güni türkmen döwletiniň häzirki zaman taryhynda düýpli öwrülişik bolmak bilen, ýurduň gülläp ösüşi, parahatçylygy we asudalygy üpjün etmekde ähmiýetli waka bolup durýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi ýene-de bir gezek şanly baýram bilen gutlap, Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, egsilmez gujur-gaýrat, türkmen halkymyza bolsa abadançylygy we rowaçlygy tüýs ýürekden arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Gypjakdaky S. Nyýazow adyndaky dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## RUHABAT DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde giňden bellenilýän Halkara Bitaraplyk güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň kararnamasy bilen ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edileni bäri geçen döwrüň içinde Türkmenistan Watanymyz öz ösüşinde uly üstünliklere eýe bolup, dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşuldy. Merkezi Aziýada parahatçylyk dörediji döwlet hökmünde giňden ykrar edildi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy halkara jemgyýetçiligi tarapyndan diňe bir möhüm syýasy ýagdaý däl-de, eýsem, sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň, dawaly meseleleri çözmäge gönükdirilen parahatçylyksöýüjilikli başlangyçlary amala aşyrmagyň täsirli guraly hökmünde kabul edilýär. Hemişelik Bitaraplygymyzyň 27 ýylynda Türkmenistanyň ak mermere beslenen gözel paýtagty Aşgabat şäheri parahatçylygyň, ylalaşygyň we halklaryň arasyndaky dostlugyň merkezine öwrüldi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Goý, Siziň parasatly baştutanlygyňyzda hemişelik Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk ýörelgelerini öňe sürýän eziz Watanymyzyň kuwwatly we abadan döwlet hökmünde abraýy dünýä dolsun! Sizi ýene-de bir gezek şanly baýram bilen gutlap, berk jan saglygyny, bagtyýarlyk, egsilmez güýç-kuwwat, ähli halkymyza bolsa abadançylygy we rowaçlygy arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGYNYŇ 27 ÝYLLYGYNA

## TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we agzybir işgärleri hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 27 ýyllyk baýramy bilen Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarlar. «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda toplumymyz täze ýokary hilli, ekologiýa taýdan arassa önümleri öndürip, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna özüniň mynasyp goşandyny goşýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şuglaly taglymatyňyz her bir işde ýol görkeziji bolup, işleriň utgaşykly alnyp barylmagyna ýardam edýär. Dokma önümlerini öndürýän köpugurly senagatymyza dünýäniň öňdebaryjy iş tejribeleriniň ornaşdyrylmagynda, ýokary tehnologiýaly täze kärhanalaryň işe girizilmeginde we önümleriň görnüşleriniň artdyrylmagynda, özümizde öndürilen önümleriň dürli görnüşleri bilen halkymyzyň üpjün edilmeginde Siziň taglymatyňyz uly goldaw berýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyzyň sag, başyňyzyň dik, umumadamzat bähbitli işleriňiziň rowaç bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris! Türkmenistan döwletimiziň agzybir halkyna bolsa maşgala abadançylygyny, ýurt abatlygyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

**speedcast**

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW!**

Sizi we ähli türkmen halkyny Halkara Bitaraplyk güni bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletiniň mundan beýläk hem gülläp ösmegi, türkmen halkynyň her gününiň bagtyýarlyga beslenmegi üçin edýän tagallalaryňyzy durmuşa geçirmekde gudraty güýçli Allatagala Size güýç-kuwwat bersin, janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun!

**Joe SPYTEK,**
**«Speedcast» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.**

**TO THE HONORABLE PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOV!**

We are extending our warmest congratulations to your Excellency and all the Turkmen people on the celebration of Neutrality Day.

May the Almighty Allah bestow Your Excellency strength, good health and long life to realize Your efforts to take the Permanently Neutral State of Independent Turkmenistan and its people to Prosperity and happiness!

**Joe SPYTEK,**
**CEO «Speedcast»**

---

## BAHMAN TRADING CORP.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 27 ýyllygy bilen tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Türkmenistan hemişelik Bitaraplygyň hukuk esaslaryna daýanyp, halkara gatnaşyklaryny barha berkidýär, dünýä derejesinde uly üstünliklere eýe bolýar. Hut Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň kabul eden Rezolýusiýasyna laýyklykda her ýylyň 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýlip yglan edildi.

**Hormatly Prezident!** Goý, Siziň belent başyňyz aman, ömrüňiz uzak, janyňyz sag, il-ýurt bähbitli işleriňiz rowaç bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«BAHMAN TRADING CORP.» kompaniýasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

## AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi hem-de halkymyzy Halkara Bitaraplyk güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny bütin dünýä ykrar etdi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Baýramçylyk gutlagymyzyň üsti bilen Size berk jan saglyk, uzak ömür, ata Watanymyz Türkmenistanyň dünýädäki abraýynyň mundan beýläk-de barha artmagy üçin alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyk, halkymyza bagtyýarlyk arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

## nowa

**TOKARY HILLI GAPLAMA**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Birleşen Milletler Guramasy mundan 27 ýyl ozal, 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda 185 döwletiň biragyzdan goldamagynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar etdi.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 27 ýyllyk toýuny täze ýeňişler we üstünlikler bilen garşylaýan halkymyzy we Sizi bu şanly sene mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Size uly üstünlikleriň ýar bolmagyny, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Size we halkymyza Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 27 ýyllygynyň şanly toýy mynasybetli iň gowy arzuwlarymyzy ýetirýäris! Ata Watanymyz Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň hatyrasyna, goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun!

Hemişelik Bitaraplyk halkymyzyň aýratyn buýsanjynyň çeşmesine öwrüldi we asyrlarboýy şeýle bolmagynda hem galar. Baýramçylyk gutlagymyzyň üsti bilen Siziň mertebäňiziň belent bolmagyny we ýurdumyzyň gülläp ösmegini arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

---

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy hemişelik Bitaraplygymyzyň 27 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda türkmeniň toýlary toýa ulaşýar. Türkmenistan syýasy, ykdysady, medeni aýratynlyklary, özüne mahsus ýörelgesi bilen agzybirlikde, abadançylykda, ýurt asudalygynda, gysga döwürde tiz ösmegiň aýdyň göreldesini görkezdi. Ata Watanymyzyň at-abraýyny äleme dolduryan hormatly Prezidentimiz, goý, Siziň janyňyz sag, başyňyz dik, iliňiz abat bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÜRKMENISTANYŇ HEMIŞELIK BITARAPLYGYNYŇ 27 ÝYLLYGYNA

HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**

Kompaniýamyzyň adyndan Sizi Halkara Bitaraplyk güni bilen gyzgyn gutlaýarys!

Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlygynyň berkidilmegi hem-de goralmagy, milli ykdysadyýetiň okgunly ösüşiniň çaltlandyrylmagy, şeýle hem halkyň hal-ýagdaýynyň maksatnamalaýyn gowulandyrylmagy babatda saýlap alan ugry we işjeň ýagdaýda alnyp barylýan hemişelik Bitaraplyk syýasaty ýurduň abadan ösüşiniň hem-de dünýäniň ähli ýurtlary bilen parahatçylyk, dostluk hem-de hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan özara bähbitli hyzmatdaşlygynyň ýokarlandyrylmagynyň girewidir.

Goý, abadançylygyň we ösüşiň täze belentlikleriniň aýdyň ýolunda ynamly öňe barýan hemişelik Bitarap Türkmenistan döwleti gülläp össün! Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident, Size berk jan saglygyny, täze üstünlikleri, Türkmenistanyň ähli halkyna ösüş arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!**

От имени нашей компании разрешите выразить самые теплые поздравления по случаю Международного Дня Нейтралитета.

Избранный Туркменистаном курс на защиту и укрепление устоев государственного суверенитета, ускоренное развитие национальной экономики, а также планомерное повышение благосостояния народа и активно проводимая в стране политика нейтралитета, выступают залогом благополучного развития страны и наращивания взаимовыгодных отношений с государствами планеты на основе принципов мира, дружбы и сотрудничества.

Пусть процветает нейтральный Туркменистан, уверенно идущий по светлому пути к новым высотам благополучия и прогресса! Желаем Вам, глубокоуважаемый господин Президент, и всему народу Туркменистана, новых успехов, крепкого здоровья и процветания.

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň milli baýramy – «Halkyň Arkadagly zamanasy» diýlip yglan edilen ýylda giňden bellenilýän hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 27 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Biziň kärhanamyz ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna özüniň mynasyp goşandyny goşýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň döwlet baştutanlygyňyzda dünýä halklary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ileri tutýan hem-de halkara hukuk kadalaryny we borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýän ýurt hökmünde Türkmenistanyň abraýy has-da belende galýar. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň öňe sürýän asylly başlangyçlarynyň Milletler Bileleşigi tarapyndan giňden ykrar edilýändigi aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi ýene-de bir gezek hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 27 ýyllyk baýramy bilen gutlap, Size berk jan saglyk, uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de iň ýokary döwlet wezipesindäki jogapkärli işiňizde üstünlikleri arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan baş direktory Ý. GURATOW.**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас с Международным днём нейтралитета! Желаем Вам крепкого здоровья, долгих лет жизни и успехов в государственной деятельности!

Благодаря Вашей мудрой инициативе 12 декабря мировое сообщество празднует Международный день нейтралитета, и это демонстрирует, что важная для Туркменистана дата нашла достойное место в мировом календаре. 27 лет назад – 12 декабря 1995 года Генеральная Ассамблея Организации Объединённых Наций при единогласной поддержке государств-членов ООН приняла Резолюцию «Постоянный нейтралитет Туркменистана».

Туркменская модель нейтралитета является важным инструментом в реализации миролюбивых инициатив по обеспечению в регионе стабильности и безопасности, обсуждении и решении актуальных международных вопросов. Выдвигаемые Вами конструктивные предложения создают необходимые условия для выполнения задач по расширению партнёрских отношений не только с соседними странами региона, но и в глобальном масштабе.

Ещё раз от всей души поздравляем Вас с Международным днём нейтралитета и 27-летием постоянного нейтралитета Туркменистана! Желаем Вам крепкого здоровья, долгих лет жизни, успехов в великих начинаниях во имя процветания страны!

**С глубоким уважением,**

**Чэнь Хуайлун, Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

## ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

От имени компании «EDC Romfor Limited» разрешите выразить самые теплые поздравления по случаю знаменательного праздника – Международного Дня Нейтралитета.

Туркменистан – страна с богатейшей историей, уникальным природным и духовным богатством. Годы нейтралитета показали, что путь активного социально-экономического прогресса, избранный Туркменистаном, всецело отвечает национальным интересам народа. Для нас высокая честь продолжать многолетнее сотрудничество, участвуя в реализации развёрнутых в Туркменистане масштабных программ.

Пусть каждый Ваш день будет наполнен положительными эмоциями и гордостью за туркменский народ и туркменскую землю, такую огромную и родную для всех нас! От всей души желаем Вам и туркменскому народу мира, добра, здоровья и благополучия!

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании «EDC ROMFOR LIMITED».**

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi agzybir işgärlerimiziň adyndan Türkmenistanyň şanly baýramlarynyň naýbaşylarynyň biri bolan Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Parahatlyk ähli gowulyklaryň ähli eşretleriň gözbaşydyr. Türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutanýerli işleriňizde Beýik Biribar Size uly goltgy bersin! Janyňyz sag, başyňyz dik, iliňiz abadan, işleriňiz rowaç bolsun!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**